***Şu gün – 24-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow döwlet sapary bilen Gazagystan Respublikasyna geldi. Döwlet Baştutanymyz 2022-nji ýylyň oktýabrynda hem bu dostlukly ýurda döwlet saparyny amala aşyrypdy.***

Hormatly Prezidentimiziň sapary mynasybetli Astana şäheriniň Nursultan Nazarbaýew adyndaky Halkara howa menzilinde Türkmenistanyň hem-de Gazagystanyň Döwlet baýdaklary galdyryldy, Hormat garawuly nyzama düzüldi. Bu ýerde belent mertebeli türkmen myhmanyny Gazagystan Respublikasynyň resmi adamlary we Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň agzalary garşyladylar.

Saparyň maksatnamasyna laýyklykda, ertir ýokary derejeli türkmen-gazak gepleşikleriniň geçirilmegine garaşylýar. Onuň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalara gol çekiler.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026